# Duruş bilen kuruşyñ tapawudy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Duruş bilen kuruşyñ tapawudy DURUŞ BILEN KURUŞYÑ* TAPAWUDY

Dostum, «Kaynak Yayınları» neşirýatynyñ baş müdiri Mehmet Sabunju “Hökman okagyl” diýip, nepagadaky ilçi Müfit Özdeşiñ «Diplomatyñ ýandepderçesi» (“Harici Bir Hariciyecinin Not Defteri”) kitabyny ugratdy.
Birinji sahypany açanymdan elimden düşüresim gelmedi, pursatyny peýläp sizi-de kitap bilen tanyşdyrasym gelýär.
Häzir ýazgymyñ gürrüñine Müfit Özdeşiñ Idi Amin hakda ýazanlary bilen başlamak isleýärin:
Müfit Özdeşiñ Daşary işler ministrliginde ikitaraplaýyn ykdysady işler boýunça baş müdirliginde Afrikadan we Ýakyn Gündogardan jogapkär bölüm müdiri bolup işleýän wagty…
Ýetmişinji ýyllaryñ ahyrynda Ejewitiñ hökümeti «Afrika açylýar»: döwlet apparatyndan we işewürlerden düzülen topary daşary ýurda ugradýar. 1979-njy ýylyñ fewral aýynyñ ortasynda Afrika giden 29 adamlyk toparda Müfit Özdeşem bar. Gidilen ýurtlaryñ birem Uganda…
«Üçünji gün diýlende Idi Amin bilen duşuşdyk. Halkara habar beriş serişdeleri şol wagtlar ony ýedi gat ýeriñ teýine sokýardy… Aslynda onuñ iñlisleriñ Afrika goşunynda ofiser çinini beren oki garaýagyz afrikalydan biridigi aýdylýardy. Gepleşik geçirilip durka ol käbir «öte geçme hereketleriniñ» – iñlisleriñ ýok etmäge synanşan afrikalylara özlerine bolan buýsanç duýgusyny oýarmaga we iñ bolmanda akýagyzlar ýaly hormat goýulmaga mynasyp adamlardygyny ynandyrmaga gönükdirýändigini aýtdy. Idi Amin iñlislere garşy durmaga synanşandygy üçin adam etini iýmek bilenem aýyplanypdy.»
Müfit Özdeşiñ duşuşygyndan bir aý geçensoñ Idi Amin ýurdundan cykyp gitmäge mejbur edildi.

- **SEN KIM-OW?!.**

Hawa. Idi Amin diýlende näme ýadyňyza düşýär: «dünýä taryhynyň iň rehim-şepagatsyz diktatorlarynyň biri!»
Günbatar näme ýazsa dogry-hakykat hökmünde kabul etmegimizi isleýärler. Britaniýa goşunynda gulluk eden wagtyndakysy ýaly, iňlis ketdeleriniň her aýdanyny ýerine ýetiren bolsa (özem hut şolaň eli bilen häkimiýet kürsüsinde oturdylan) Idi Amini «gahryman» hökmünde tanardyňyz! Emma…
– Sen – iňlisleriň getiren, iňlis pasportly, aýratyn hukukly 50 müň hindistanlysyny ýurtdan çykarsaň…
– Sen – kolonialistleriň emläklerini döwlet eýeçiligine geçirseň… we ş.m.
Hut ýakyn fosty Kaddafi ýaly kolonialistleri Afrikadan kowjak bolanynyň muzduny töletdiler Idi Amine…
Günbatar metbugaty iňlisleriň ýalyny iýip ýörkä-hä suwda ýüzüjiligini, sportsmenligini, boks çempionlygyny öwüp arşa çykaryp, doly garaşsyzlyk talap edenden soňam ony mahluga öwrüp taşlady: «Gara Gitler», ýa-da «Afrikanyň gassaby»…
Kinofilmlerde, teleseriallarda Idi Amini masgaralamak üçin edilmedik pyssy-pyjurlyk galmady… Diňe Idi Aminmi näme…
Diňe Homeýnimi näme…
Diňe Kaddafimi näme…
Diňe Saddam Hüseýinmi näme…
Diňe Beşar Esatmy näme…
Kolonialistlere garşy çykanlary Günbatar metbugaty dünýä jemgyýetçiligine hemişe «ganojak diktator» diýip tanatdy!
Diňe Afrika we Ýakyn Gümdogardan däl. Bir mysaly Günbataryň özündenem bereýin:

- **TARAPGÖÝE SERETSENE!**

Silwio Berluskoni diýlende näme göz öňüňize gelýär:
Işewür… Teleýaýlymyň başlygy… «Milan» FK-nyň hojaýyny, Italiýanyň iň uly altynjy baýy… «Forza İtalia» partiýasynyň esaslandyryjy başlygy… Üç gezek ýurduň premýer-ministri…
Şol döwür Günbatar metbugaty Berluskoniniň «P2» mason ložasynyň agzasydygyny, onuň adynyň mafiýadyr korrupsiýa wakalaryna bulaşýandygyny bilýärdi.

Emma… Ol hakda diňe «ýaramaz reňkli syýasatçy» diýip mahabatlabdyryjy habarlar berildi. 2003-nji ýylda Ýewropa Geňeşiniň başlygy edilmegine-de sesini çykarmady!
Hemme zat 2011-nji ýylda üýtgedi. Ýewropada maliýe krizisi ýetjek derejesine ýetdi. Gresiýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Irlandiýa bergilerini üzüp bilmez ýaly ýagdaýa düşdi. Bu ýurtlaryň boýnuna IMF resepti dakyldy.
Sarkozi we Merkel premýer-ministr Berluskonini IMF bilen tegelek stoluň başyna oturtmak isledi. Berluskoni kabul etmedi – «bergisiniň daşary ýurtlara däl-de, öz halkynadygyny» aýdyp, «ajy dermany» italýanlara ýuwutdyrmak islemedi. Şeýle-de, onuň partiýasy Hristian demokratlar-sosialistler «koalizasiýasyna» esaslanýardy – IMF programmasynyň tarapdar gatlagyny azaltjagyny bilýärdi.
Diňe ykdysadyýetde däl: Berluskoni Liwiýa girilmegine-de garşy çykdy. We final:
Şol ýyl Berluskoniniň garşysyna kämillik ýaşyna ýetmedik gyz bilen jynsy gatnaşyga girmekde aýyplanyp iş gozgaldy.
2015-nji ýylda günäsiz diýip hasap ediljekdigije garamazdan, Berluskoni 2011-nji ýylyň 16-njy noýabrynda wezipesinden öz islegi bilen gitmäge mejbur edildi.
Ýerine «Bilderberg» klubynyň agzasy amerikan maýa goýum banky «Goldman Sachs»-yň we «Coca Cola» kompaniýasynyň geňeşçisi (Italiýanyň Kemal Derwişi) Mario Monti premýer-ministr edildi. Montinin işe başlan badyna IMF-ni ýurduna çagyrmak bilen boldy!
Şuny diýmek isleýärin…
Näçe gün bäri ýazýarlar:
Erdoğan Baýden bilen şunça sagat görüşenmiş…
Erdogana Boris Jonnson şeýle mähirli garanmyş…
Tarapgöýleriň musulman Idi Amin ýaly batyrgaý duruşy ýok, ugruna goýbersek Günbataryň öňünde sežde egilmekdenem gaýtjak däller. Haýp.
Adam bolmak – bir topara däl, bir duruşa eýe bolmakdyr.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 03.11.2021 ý.

---

**Kuruş – köpük, teññe.* Publisisistika